A. Kekilowyň “Çopan we patyşa” ertekisi

“Çopan we patyşa” diýen ertekide garyp çopan we onuň aýalynyň gün-güzeranlaryny zordan dolandyryp, hor-homsy ýaşaýandyklary, olara Kör garganyň eden kömegi, patyşanyň açgözlügi, sütemkärligi hakynda gürrüň berilýär. Ertekide mydama adalat adalatsyzlykdan üstün çykýar. Halk zähmetkeşler üçin ýagty güniň geljegine ynanýar. Munda hem ýönekeý garyp çopan jadyly güýçleriň kömegi bilen ynsapsyz hem zulumkär şany, onuň wezir-wekilllerini, han-beglerini, nökerlerini ýer bilen ýegsan edýär. Çopan ilki köp horluklary çekýär. Garyplyk zerarly çopan ýaşy bir çene baranda öýlenýär. Özi ýaly garyplaryň kömegi bilen bir sümelge salynýar. Çopan göwni açyk, sada, ynanjaň adam bolandygy sebäpli, kör garganyň beren wadasyna ynanyp, ony halas edýär. Garyp çopan özüniň tapan baýlygyny bütün zähmetkeş halk bilen şol sanda patyşa we onuň wezir-wekilleri bilen hem paýlaşmak isleýär. Emma doýmaz-dolmaz patyşa we onuň wezir-wekilleri çopanyň elinden tapan baýlygyny alýarlar. Ýurtda häkimlik edýän şada adalatdan, parasatdan nam-nyşan galmaýar. Ol garyp zähmetkeş köpçüligini ezýär we jebir-sütem astynda saklaýar. Gaýtawul berenleriň kellesini kesdirýär. Emma zuluma, süteme, zorluga daýanan häkimýet uzak saklanyp bilmeýär. Kör garganyň kömek etmegi netijesinde patyşany we onuň wezir-wekillerini öldürýär. Şahyr bu ertekiniň üsti bilen patyşanyň mekir, hilegär, muguthor, garyp zähmetkeşleriň ganyny sorýan, öz eklenjini zähmetkeş halkyň üstüne atan zalym baýlary ýazgarýar.

*Taýýarlan:* ***Mekan Hotçyýew***